# Psihologiki päsgelçilikler

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Psihologiki päsgelçilikler PSIHOLOGIKI PÄSGELÇILIKLER




Ölümleriñ, gynançlaryñ üstünden gahrymanlyk satma añsatçyllygynyñ deregne parahatçylyga barýan çykalganyñ ýollaryny gözlemäge ýardam etmek gerek…
Ýurdumyzda ýygy-ýygydan başdan geçirýänlerimizi «Hamas»-Ysraýyl urşunda gaýtalaýarys:
Öwrenmän bilýäris…
Derñemän, sorap-idemän ynanýarys…
Gözlemän, agtarman aýyplaýarys, hasap soraýarys…
Sosial gurşawymyzyñ zol tekrarlap duran, impozirleýãn, zor bolen boýnumyza dakýan zatlaryny absolýut hakykatdyr öýdýäris. Birden iki-ýeke faktoryñ ýalñyş bolup çykjagyny-da pikir edemzok.
Ýaman ýeri, bütin bularyñ barsynyñ tapawudyny-da bilemzok!
Özümizi iñ soñky derejede obýektiw-jismany hasaplaýarys. Biziñ ýaly pikirlenmeýänleri tarapgöý, aldanan, ikigöwünli, akyla-huşa sygmaýan, ýeterlik bilýän zady bolmadyk hasaplap, «keseki» we «duşman» yglan edýäris.
Heýhat! Hiç kim özünde günä bardyr öýdenok.
Çaknyşyklaryñ, çykalgasyzlygyñ añyrsynda ýatan iñ esasy sebäplerden biri rasionallygyñam öñüne geçen, parahatçylygyñ arasyna germaw ören şu sosial-psihologiki ýagdaýdyr. Dogry saýýanyna baglanyp, garşydaş tarapy gümanaly sanmak!

Bu ýazanlarymy Palestinada we Ysraýylda geçirilen bir barlag bilen delillendireýin:




* * *

Sosial psiholog professor Li Dawid Ross (1942-2021) Stanford uniwesitetinde birnäçe ýyllap syýasy psihologiýa boýunça iş alyo bardy. Meselem, uzak wagtlap dowam edýän toparlarara çaknyşyklaryñ psihologiki sebäplerini öwrendi.

Parahatçylygyñ köp gozgalan 90-njy ýyllarynyñ ortasynda Palestinany we Ysraýyly gurşap alan «Oñşuksyzlyk çözgüdindäki psihilogiki päsgelçilikler» atly ylmy-eksperimental işini

ýerine ýetirdi:
– Synaga gatnaşan ysraýyllylara hakykatda Ysraýylyñ öñe sürýän wariýasiýasyny Palestinanyñ çykalga wariýasiýasy hökmünde sorady: Şu ýaraşyk teklibi bilen ylalaşýarsyñyzmy? Ysraýyllylaryñ aglabasy «ýok» jogabyny berdi!
– Synaga gatnaşýan palestinalylara hakykatda Palestinanyñ öñe sürýän wariýasiýasyny Ysraýylyñ wariýasiýasy hökmünde sorady. Bu gezek palestinalylar «ýok» jogabyny berdi!
Synaga gatnaşan iki toparyñ aglaba köplügi hödürlenen çözgüdiñ mazmuny bilen tanyşmazdan, gyzyklanmazdan ret etdi…
Ysraýyllylaryñ (aslynda öz wariýasiýalary bolan) çözgüdi kabul etmezliginde diñe «Palestina» sözüniñ geçmegi ýeterlik bolupdy. Edil şonuñ ýaly palestinalylaram şeýdipdi…
Iki toparam arassa ynamsyzlyk, gümansyratma (предрассудки) bilen hereket edipdi.
A.Eýnşteýn näme diýipdi: “Bir ynamsyzlygy ýok etmek – atomy uşatmakdan has kyn».




* * *

Ynamsyzlygy uşatmak üçin ilki keseliñ «diaognozyny» goýmaly. Ynamsyzlyga öwrenişenleriñ üç ýörelgesi bar:

– Meñkiñ dogrudygyny anyk bilýärin.

– Meniñ bilýänlerimi bilýän islendik kişi meñ gelen netijäme geler.

– Eger meniñ bilýänlerimi bilibem, meniñ bilen deñ pikirde bolmasa, onda ýa-ha mantyksyzdyr, ýa-da ýeterlik akyl-paýhasly däldir!

Ynamsyzlyk wirusynyñ ýaýramagyna diñe Ysraýyl-Palestina

konfliktini mysal getirip bilmeris. Soňky gezek biziň saýlawlaryzda-da muňa şaýat bolduk:
Esasy zat – nämäniň hakykatdygy däl-de, nämäniň hakykat hökmünde kabul edilýändigi!
«Şu saýlawlarda Kylyçdarogly üstünlik gazanyp bilmez» diýenlere «hemme zady bilýänsireýän» sosial mediýanyň aýtmadyk paýyş sözi ýok.
Hakykatyň ölümine sebäp bolýan bu howply ýagdaý- esasynda jemgyýetde weýrançylyga getirýär, kesir garşydaşlyk-duşmançylyk döredýär.
Görüp ýörüs: Her «topbak» özüni jedelsiz dogry, garşysyndakyny nädogry hasaplaýar! Meselem:
Diňe öz garaýşyndaky awtorlar, žurnalistler dogry ýazýardy, galanlary bilgeşleýin hakykaty ýoýmagyň ugrundady!
Toparlanyşmalaryň, dartgynlylyklaryň sebäpleri-de şuňa meňzeş mysallar…
Toparlaryň öz içinde degişlilikleri güýçlendirmek, bitewileşmek üçin edilen bir taraply beýan etmeler bölünişikleri artdyrýar, taraplary biri-birine garşy ýitileşdirýär, her dürli çözgüde ýol açýar.
Günbatar mediýasynda-da munuň ýaramaz mysallaryny görýäris. Käbir habar beriş serişdeleri «musulmanlaryň hemmesi terrorist» kabul etmesini (wospriýatiýesini) döretmegiň kül-külünde!
Bizde-de munuň tersi ýörgünli: «Külli Günbatar haçly ýörişleriň hyýalynda gezýär!»
Birtaraply beýan etmeler, ynamsyzlyklar-gümanlar, manipulýasiýalar propogandanyň düşekçesi bolýar.
Ine… Ýaraşmak üçin birinji edilmeli şu göýdük döwrä garşy göreşmekdir:
Ýaraşyga, parahatçylyga hyzmat edip biljek ýeke-täk faktor – rasional hereket edip, ynamsyzlyklary uşatmakdyr.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 20.10.2023 ý. Publisistika